PHILIPS

AC1715




# Ulanyjy gollanmasy

# Mazmuny


1 **Möhüm** ........ **2**
Howpsuzlyk ........ 2
Elektromagnit meýdanlar (EMF) ........ 4
Zibile zyňmak ........ 4
Ýönekeýleşdirilen ÝB Laýyklyk beýannamasy ........ 4

2 **Howany arassalaýjyňyz** ........ **5**
Önüme umumy syn ........ 5
Dolandyryş elementlerine umumy syn ........ 6

3 **Başlamak** ........ **7**
Süzgüji gurnamak ........ 7
Wi-Fi görkezijisine düşünmek ........ 7
Elektrige birikdirmek ........ 8
Wi-Fi birikmesi ........ 8

4 **Howany arassalaýjyny ulanmak** ........ **9**
Howanyň hilini görkezýän çyra düşünmek ........ 9
Açmak we öçürmek ........ 10
Iş tertibini üýtgetmek ........ 11
Displeý görkezijisini geçirmek ........ 12
Çyrany ýakýan/öçürýän funksiýany ulanmak ........ 12

5 **Arassalamak we abatlamak** ........ **13**
Arassaçylyk rejesi ........ 13
Howany arassalaýjynyň korpusyny arassalamak ........ 13
Bölejik datçigini arassalamak ........ 14
Süzgüjiň ýüzüni arassalamak ........ 14
Süzgüji çalyşmak ........ 15
Süzgüji nol etmek ........ 17

6 **Ammarda saklamak** ........ **17**

7 **Meseleleri anyklamak we çözmek** ........ **18**

8 **Kepillik we tehniki hyzmat** ........ **21**
Ätiýaçlyk şaýlary ýa-da kömekçi enjamlary sargyt etmek ........ 21

# 1 Möhüm

## Howpsuzlyk

Enjamy ulanmazdan ozal şu ulanyjy gollanmasyny üns bilen okaň we ony geljekde gollanmak üçin saklaň.

Iň oňat öndürijiligi üpjün etmek çin arassalaýjyňyzyň iň täze wersiýa beýgeldilendigine göz ýetiriň. Clean Home+ programmasynyň üsti bilen beýgeldip bilersiňiz.

### Howp

- Tok urmagynyň ýa-da ýangynyň döremeginiň öňüni almak üçin enjamy suw ýa-da islendik başga bir suwuklyk ýa-da (ýanyjy) arassaçylyk serişdesi bilen arassalamaň.
- Mör-möjekleri öldürýän dermanlar ýa-da ys berijiler ýaly ýanyjy maddalary enjamyň golaýynda pürkmäň.

### Duýduryş

- Enjamy toga dakmazdan ozal zawod tagmasynda görkezilen güýjenmäniň ýerli elektrik ulgamyndaky güýjenme bilen gabat gelýändigini barlaň.
- Elektrik kabeline zeper ýeten bolsa, howpuň öňüni almak üçin onuň Philips tarapyndan, Philips ygtyýarly tehniki hyzmat merkezi ýa-da şoňa meňzeş ygtyýarly şahslar tarapyndan çalşyrylmagyny üpjün etmeli.
- Elektrik dürtgüjine, elektrik kabeline ýa-da enjamyň özüne zeper ýeten bolsa, enjamy ulanmaň.
- Enjamy 8 ýaşyny dolduran we has uly ýaşly çagalar, şeýle hem enjamy howpsuz görnüşde ulanmak boýunça gözükdirijiler berlen ýa-da howpsuz ulanmak boýunça gözegçilik astyndaky we degişli howplar özlerine mälim edilen ýagdaýynda fiziki, duýgurlyk ýa-da zehin ukyplary pes ýa-da tejribesi we bilimi bolmadyk şahslar hem ulanyp biler.
- Çagalar enjam bilen oýnamaly däl.
- Çagalar gözegçilik astynda däl wagty enjamda arassaçylyk we abatlaýyş işlerini geçirmeli däl.
- Howa girelgesini we çykalgagyny ýapmaly däl, mysal üçin howa çykalgasynyň üstüne ýa-da howa girelgesiniň öňüne närseleri goýmaly däl.

- Howa çykalgasyndan nätanyş jisimleriň enjamyň içine gaçmaýandygyna göz ýetiriň.
- Standart WiFi interfeýsi 802.11b/g/n, 2.4 GHz tizlige esaslanyp, aňryçäk çykyş güýji 31,62 mW EIRP bolup durýar.

## Seresap boluň

- Bu enjam adaty howalandyryş ulgamynyň, tozan sorujynyň ýa-da nahar bişirilýän wagty ulanylýan howa sowujynyň ýa-da ýelpewajyň ornuny tutmaýar.
- Enjamy elmydama gury, tekiz we kese ýeriň üstünde ýerleşdiriň we ulanyň.
- Enjamyň öňünde we gapdallarynda azyndan 20 sm, enjamyň ýokarsynda bolsa azyndan 30 sm boşluk galdyryň.
- Enjamyň üstünde oturmaň ýa-da dik durmaň. Enjamyň üstüne hiç zat goýmaň.
- Howadan suwa öwrülýän damjalaryň enjamyň üstüne dammagynyň öňüni almak üçin enjamy gönüden-göni howany sowadyjynyň aşagynda goýmaň.
- Diňe şu enjam üçin ýörite niýetlenilen hakyky Philips süzgüçlerini ulanyň. Islendik başga süzgüçleri ulanmak bolmaýar.
- Süzgüjiň ýanmagy adamyň saglygyna yzyna gaýtaryp bolmajak zeper ýetirip we/ýa-da başga jandarlara howp abandyryp biler. Süzgüji ýangyç hökmünde ýa-da şoňa meňzeş maksatlar üçin ulanmaň
- Enjamyň gaty närseler bilen (esasanam, howa girelgesine we çykalgasyna) urulmagynyň öňüni alyň.
- Bedene şikes ýetmeginiň ýa-da enjama zeper ýetmeginiň öňüni almak üçin howa çykalgasyna ýa-da howa girelgesine barmaklaryňyzy ýa-da başga närseleri girizmäň.
- Binanyň içinde mör-möjekleri kowmaga niýetlenilen tüsseli enjamlary ulanýan wagtyňyz ýa-da ýagly galyndylaryň, ýanýan ysly serişdeleriň ýa-da himiki tüsseleriň bar ýerinde şu enjamy ulanmaň.
- Enjamy gazly enjamlaryň, ýyladyjy enjamlaryň ýa-da ojaklaryň golaýynda ulanmaň.

- Enjamy başga ýere geçireniňizde, arassalanyňyzda, süzgüji çalşyranyňyzda ýa-da onda başga abatlaýyş işlerini geçireniňizde elmydama enjamy elektrik rozetkasyndan aýryň.
- Enjam diňe adaty iş şertlerinde öý hojalygynda ulanmak üçin niýetlenilýär.
- Enjamy çygly gurşawlarda ýa-da hammam, hajathana ýa-da aşhana ýaly daşky gurşawyň temperaturasy ýokary bolan ýerlerde ulanmaň.
- Enjam uglerodyň monoksidini (CO) ýa-da radony (Rn) aýyrmaýar. Ony ýanmak bilen baglanyşykly amallarda we howply himikatlarda heläkçilik ýüze çykan ýagdaýynda howpsuzlyk enjamy hökmünde ulanmak bolmaýar.

## Elektromagnit meýdanlar (EMF)

Şu Philips enjamy elektromagnit meýdanlara sezewar bolmak boýunça ähli degişli standartlara we düzgünnamalara gabat gelýär.

## Zibile zyňmak

Bu nyşan enjamy adaty öý hojalygy zibilleri bilen bilelikde zibile zyňmak bolmaýandygyny aňladýar (2012/19/EU)

Elektrikli we elektron önümleri aýratyn ýygnamak boýunça öz ýurduňyzyň düzgünlerini berjaý ediň. Dogry görnüşde zibile zyňmaklyk daşky gurşawa we adamyň saglygyna ýaramaz täsir ýetirýän netijeleriň öňüni almaga ýardam berýär.

## Ýönekeýleşdirilen ÝB Laýyklyk beýannamasy

Şunuň bilen DAP B.V. AC1715 görnüşli radio enjamynyň 2014/53/EU Düzgünnamasyna gabat gelýändigini beýan edýär. ÝB Laýyklyk beýannamasynyň doly teksti şu Internet salgysynda bar: www.philips.com.

# 2 Howany arassalaýjyňyz

Satyn almagyňyz bilen gutlaýarys we Philips dünýäsine hoş geldiňiz!

Philips tarapyndan hödürlenilýän goldawdan doly peýdalanmak üçin önümiňizi www.philips.com/welcome salgysynda bellige aldyryň.

## Önüme umumy syn




*Diňe enjam bilen üpjün edilen elektrik dürtgüjiniň laýyklaýjysyny ulanyň

# Dolandyryş elementlerine umumy syn




Dolandyryş düwmeleri

| | | | |
|---|---|---|---|
| | Çyrany ýakýan / öçürýän düwme | | Enjamy açýan / öçürýän düwme |
| | Iş tertibini geçiriş düwmesi | | |

Displeý paneli

| | | | |
|---|---|---|---|
| | Wi-Fi görkezijisi | | Awto tertibi |
| | Tizlik 1 | | Tizlik 2 |
| | Turba iş tertibi | | Uky tertibi |
| PM2.5 | PM2.5 displeý | IAI | Binanyň içindäki allergenleriň indeksini görkeziji |
| | Süzgüji arassalamak barada duýduryş | | Süzgüji çalşyrmak barada duýduryş |

# 3 Başlamak

## Süzgüji gurnamak

Birinji gezek ulanmazdan ozal süzgüjiň ähli gaplama materiallaryny aýryň.

**Bellik:** Süzgüji gurnamazdan ozal howany arassalaýjynyň elektrik dürtgüjiniň elektrik rozetkasyndan aýrylandygyna göz ýetiriň.




1 Arka örtügini çekiň we ony enjamdan aýryň.
2 Süzgüji enjamdan çekip çykaryň.
3 Howany arassalaýjy süzgüjiň ähli gaplama materiallaryny aýryň.
4 Süzgüji enjamdaky ýerine dakyň.
5 Arka örtügini ýerine dakyň.

## Wi-Fi görkezijisine düşünmek

| Wi-Fi şekiljiginiň ýagdaýy | Wi-Fi birikmesiniň ýagdaýy |
|---|---|
| Mämişi ýanyp-öçýär | Akylly telefona birigýär |
| Birsyhly mämişi ýanýar | Akylly telefona birigen |
| Ak ýanyp-öçýär | Serwere birigýär |
| Birsyhly ak ýanýar | Serwere birigen |
| Öçük | Wi-Fi funksiýasy öçürilen |

# Elektrige birikdirmek



**Bellik:** Tok urmak howpy! Üýtgeýän tok elektik kabeliniň dürtgüjini rozetkadan aýranyňyzda hemişe dürtgüji rozetkadan çekiň. Hiç haçan kabelden çekmäň.

Elektrik laýyklaýjysyny:

- Ilki bilen enjamdaky tok rozetkasyna dakyň.
- Soňra diwardaky rozetka dakyň.

# Wi-Fi birikmesi

## Wi-Fi birikmesini birinji gezek sazlamak

1 Philips **“Clean Home+”**programmasyny **App Store** ýa-da **Google Play** dükanyndan göçürip alyň we gurnaň.

2 Howany arassalaýjynyň elektrik dürtgüjini elektrik rozetkasyna dakyň we howany arassalaýjyny açmak üçin ⏻ basyň.
   ↳ Wi-Fi görkezijisi birinji gezek mämişi reňkde ýanyp-öçýär.

3 Akylly telefonyňyzyň ýa-da planşetiňiziň Wi-Fi ulgamyňyza üstünlikli birigendigine göz ýetiriň.

4 **“Clean Home+”** programmasyny işlediň we "**Connect a New Device**" (Täze enjamy birikdirmek) ýa-da ekranyň ýokarsyndaky **“+”** düwmesine basyň. Howany arassalaýjyny öz ulgamyňyza birkdirmek üçin ekrandaky gözükdirijileri berjaý ediň.

**Bellik:**

- Bu gözükdiriji diňe howany arassalaýjy ilkinji gezek sazlananda degişli bolýar. Eger ulgam üýtgän bolsa ýa-da gurnamany gaýtadan ýerine ýetirmeli bolsa, "Wi-Fi birikmesini nol etmek" sahypa 9 bölümine serediň.
- Akylly telefonyňyza ýa-da planşetiňize birnäçe sany howany arassalaýjyny birikdirmek isleseňiz, ony ýeke-ýekeden ýerine ýetirmeli.
- Akylly telefonyňyz ýa-da planşetiňiz bilen howany arassalaýjynyň arasyndaky uzaklygyň 10 metrden azdygyna we aralarynda hiç hili päsgelçiligiň ýokdugyna göz ýetiriň.
- Bu programma Android we iOS iň täze wersiýalaryny goldaýar. Goldanýan operasiýa
  ulgamlarynyň we enjamlaryň iň soňky täzelemesini görmek üçin www.philips.com/cleanhome salgysyny barlaň.

### Wi-Fi birikmesini nol etmek

**Bellik:**

- Deslapky ulgamyňyz üýtgände Wi-Fi birikmesini nol ediň.

1 Howany arassalaýjynyň elektrik dürtgüjini elektrik rozetkasyna dakyň we howany arassalaýjyny açmak üçin ⏻ basyň.

2 Sesli duýduryşy eşidýänçäňiz düwmesini 3 sekuntlap basyp saklaň.
   ↳ Howany arassalaýjy jübütleýiş tertibine geçýär.
   ↳ Wi-Fi görkezijisi mämişi reňkde ýanyp-öçýär.

3 **"Wi-Fi birikmesini birinji gezek sazlamak"** bölümindäki 3-4 ädimleri ýerine ýetiriň.

# 4 Howany arassalaýjyny ulanmak

## Howanyň hilini görkezýän çyra düşünmek

Howany arassalaýjy açylanynda howanyň hilini görkezýän çyra awtomatik usulda ýanýar we ähli reňklerde tertip boýunça ýanýar. Takmynan 30 sekunt soň bölejik datçigi daşky gurşawdaky howanyň içindäki bölejikleriň esasynda howanyň hiline gabat gelýän reňki awtomatik usulda saýlaýar.

| **Howanyň hilini görkezýän çyranyň reňki** | **Howanyň hil derejesi** |
|---|---|
| Gök | Oňat |
| Gök-Mawy | Ortaça |
| Mawy-Gyzyl | Ýaramaz |
| Gyzyl | Iňňän ýaramaz |

Howanyň hilini görkeziji çyranyň reňki PM2.5 we IAI derejeleriniň arasyndaky iň ýokary indeks tarapyndan kesgitlenilýär.

### PM2.5

**AeraSense** sensor tehnologiýasy howadaky bölejikleriň çalaja üýtgemegini hem anyklaýar we çaltlyk bilen jogap berýär. Ol size hakyky wagtly PM2.5 maglumatyny üpjün edýär.

| PM2.5 derejesi | Howanyň hilini görkezýän çyranyň reňki |
|---|---|
| ≤12 | Gök |
| 13-35 | Gök-Mawy |
| 36-55 | Mawy-Gyzyl |
| >55 | Gyzyl |

Ýapyk binalardaky howany hapalaýjylaryň aglaba bölegi PM2.5 çägine girýär – ol 2,5 mikrometrden has kiçi howany hapalaýjy bölejikleri aňladýar. Ýapyk binalardaky ownuk bölejikleriň çeşmesi köplenç temmäkiniň tüssesi, nahar bişirilmegi, ýanýan şemler bolup durýar. Howadaky käbir bakteriýalar we iň kiçi tozgajyklar, öý haýwanlarynyň allergenleri we tozan, büreleriň allergen bölejikleri hem PM2.5 çägine girýär.

### IAI

Ussat derejeli **AeraSense** datçigi ýapyk binalardaky howadaky allergenleri anyklaýar we ýapyk binalardaky howada bar bolan allergenleriň ähtimal howpuny 1 bilen 12 aralygynda san bilen görkezip bilýär. 1 howanyň iň oňat hilini aňladýar.

| IAI derejesi | Howanyň hilini görkezýän çyranyň reňki |
|---|---|
| 1-3 | Gök |
| 4-6 | Gök-Mawy |
| 7-9 | Mawy-Gyzyl |
| 10-12 | Gyzyl |

## Açmak we öçürmek

**Bellik:**

- Arassalamagyň iň oňat netijeliligi üçin gapylary we äpişgeleri ýapyň.
- Perdeleri howa girelgesinden ýa-da howa çykalgasyndan uzakda tutuň.

1 Howany arassalaýjynyň elektrik dürtgüjini elektrik rozetkasyna dakyň.

2 Howany arassalaýjyny açmak üçin ⏻ basyň.
  - ↳ Howany arassalaýjy sesli duýduryş berýär.
  - ↳ Enjam ýylaýan wagty ekranda “---” görkezilýär. Soňra howany arassalaýjy howanyň hilini ölçäninden soň PM2.5/IAI derejesini görkezýär.
  - ↳ Ekranda IAI görkezileninde howany arassalaýjy awtomatik tertipde işleýär.



3 Howany arassalaýjyny öçürmek üçin düwmesini 3 sekuntlap basyp saklaň.

**Bellik:** Eger arassalaýjy ÖÇÜRILENINDEN soň elektrik rozetkasyna dakylgy galsa, howany arassalaýjy gaýtadan AÇYLANYNDA ozalky sazlamalar bilen işlär.

## Iş tertibini üýtgetmek

Düwmesine basmak arkaly Awto tertibini, Tizlik 1, Tizlik 2, Turbo tertibini ýa-da Uky tertibini saýlap bilersiňiz.




**Awto tertibi ( ):** Howany arassalaýjy daşky gurşawdaky howanyň hiline görä ýelpewajyň tizligini awtomatik usulda sazlaýar.




**Elde iş tertibi ( & ):**Elde iş tertibinde howany arassalaýjy 1-nji tizlikde ýa-da 2-nji tizlikde işleýär.




**Turbo tertibi ( ):** Turbo tertibinde howany arassalaýjy iň ýokary tizlikde işleýär.




**Uky tertibi ( ):** Howany arassalaýjy pes tizlikde pessaýja işleýär. 3 sekuntdan soň ekranyň çyrasy öçýär.

## Displeý görkezijisini geçirmek

**Bellik:** Enjam deslapdan sazlanan görnüşde PM2.5 derejesini görkezýär.

- Displeý görkezijisini IAI/PM2.5 arasynda birinden beýlekisine geçirmek üçin düwmesini 3 sekuntlap basyp saklaň.




## Çyrany ýakýan/öçürýän funksiýany ulanmak




Ýagtylyk datçigi bilen dolandyryş paneli daşky gurşawyň ýagtylygyna laýyklykda awtomatik usulda ýanyp, öçüp ýa-da solak ýanyp bilýär. Daşky gurşaw garaňky wagty dolandyryş paneli öçürilen bolar ýa-da solak ýanar. Ähli çyralary ýakmak üçin islendik bir düwmä basyp bilersiňiz. Soňra, başga iş edilmese, ähli çyralar daşky gurşawyň ýagtylygyna baglylykda gaýtdan öçer ýa-da solak ýanar.

Ähli çyralary we dolandyryş panelini elde öçürmek üçin düwmesine basyp bilersiňiz. Ähli çyralary ýakmak üçin islendik bir düwmä basyň.

# 5 Arassalamak we abatlamak

**Bellik:**

- Arassalamazdan ozal enjamyň dürtgüjini elektrik rozetkasyndan aýryň.
- Enjamy hiç haçan suwa ýa-da başga islendik bir suwuklyga çümdürmäň.
- Enjamyň islendik bölegini ulanmak üçin agardyjy ýa-da spirt ýaly iýiji, güýçli ýa-da ýanyjy arassaçylyk serişdelerini ulanmaň.
- Süzgüji arassalamak üçin hiç haçan suwuklyklary (suw hem şoňa degişli) ulanmaň.
- Bölejik datçigini tozan sorujy bilen arassalamaga synanyşmaň.

## Arassaçylyk rejesi

| Ýygylyk | Arassaçylyk täri |
|---|---|
| Zerur bolanynda | Enjamyň plastik bölegini ýumşak gury mata bilen süpüriň. |
| | Howa çykalgasynyň örtügini arassalaň |
| Iki aýdan bir | Bölejik datçigini gury pagta taýajyk bilen arassalaň |
| Ekranda görkezilýär. | Süzgüjiň ýüzüni arassalaň |

## Howany arassalaýjynyň korpusyny arassalamak

Howany arassalaýjyda tozanyň toplanmagynyň öňüni almak üçin onuň içini we daşyny yzygiderli arassalaň.

- Howany arassalaýjynyň we howa çykalgasynyň içini hem-de daşyny arassalamak üçin ýumşak gury mata ulanyň.

# Bölejik datçigini arassalamak

Enjamyň iň oňat öndürijiligi üçin bölejik datçigini 2 aýdan bir arassalaň.

**Bellik:**

- Howany arassalaýjy tozanly gurşawda ulanylýan bolsa, ony has ýygy-ýygydan arassalamaly bolup biler.
- Otagdaky çyglylygyň derejesi aşa ýokary bolsa, howa bölejik datçiginiň üstünde suwa öwrülip biler we howanyň hili oňat hem bolsa howanyň hilini görkezýän çyra howanyň hili ýaramaz diýip görkezip biler. Şeýle ýagdaý ýüze çyksa, bölejik datçigini arassalaň.




1 Howany arassalaýjyny öçüriň we elektrik dürtgüjini elektrik rozetkasyndan aýryň.
2 Howanyň hil datçiginiň örtügini açyň.
3 Bölejik datçigini çygly pagta taýajyk bilen arassalaň.
4 Gury pagta taýajyk bilen ähli şaýlary oňat edip guradyň.
5 Howanyň hil datçigini ýapyň.

# Süzgüjiň ýüzüni arassalamak




| **Süzgüjiň ýagdaýy barada duýduryş çyrasy** | **Hereket** |
|---|---|
| Ekranda süzgüji arassalamak barada duýduryş görkezilýär. | Süzgüjiň ýüzüni tozan sorujy bilen arassalaň. |

1 Howany arassalaýjyny öçüriň we elektrik dürtgüjini elektrik rozetkasyndan aýryň.




2 Arka örtügini çekiň we ony enjamdan aýryň.

3 Süzgüji enjamdan çekip çykaryň.

4 Süzgüjiň ýüzüni tozan sorujy bilen arassalaň.

5 Süzgüji enjamdaky ýerine dakyň.

6 Arka örtügini ýerine dakyň.

7 Howany arassalaýjynyň elektrik dürtgüjini elektrik rozetkasyna dakyň.

8 Enjamy açmak üçin düwmesine basyň.

9 Süzgüji arassalamaga galan wagty nol etmek üçin we düwmelerini 3 sekuntlap basyp saklaň.




10 Süzgüji arassalanyňyzdan soň elleriňizi oňat edip ýuwuň.

# Süzgüji çalyşmak

## Saglygy goraýyş gulpuna düşünmek

Şu howany arassalaýjy süzgüji çalşyrmalydygyny görkeziji bilen enjamlaşdyrylan bolup, ol howany arassalaýjy işleýän wagty howany arassalaýjy süzgüjiň iň amatly ýagdaýda bolmagyny üpjün edýär. Süzgüji çalşyrmak zerur bolsa, süzgüji çalşyrmak barada duýduryş çyralary gyzyl ýanýar.

Eger süzgüç wagtynda çalşyrylmasa, howany arassalaýjy işlemegini bes eder we otagdaky howanyň hilini goramak üçin awtomatik usulda gulplanar. Süzgüji mümkin boldugyça çalt çalşyryň.

## Süzgüji çalyşmak

**Bellik:**

- Süzgüji ýuwup ýa-da gaýtadan ulanyp bolmaýar.
- Süzgüçleri çalyşmazdan ozal elmydama howany sowadyjyny öçüriň we onuň dürtgüjini elektrik rozetkasyndan aýryň.




| Süzgüjiň ýagdaýy barada duýduryş çyrasy | Hereket |
|---|---|
| Süzgüji çalşyrmak barada duýduryş ⌷ çyralary ýanýar | NanoProtect süzgüji çalyşmak (**FY1700/30**) |

1 Howany arassalaýjyny öçüriň we elektrik dürtgüjini elektrik rozetkasyndan aýryň.




2 Arka örtügini çekiň we ony enjamdan aýryň.

3 Süzgüji enjamdan çekip çykaryň.

4 Täze süzgüjiň ähli gaplaýyş materiallaryny aýryň.

5 Täze süzgüji enjama dakyň.

6 Arka örtügini ýerine dakyň.

7 Howany arassalaýjynyň elektrik dürtgüjini elektrik rozetkasyna dakyň.

8 Enjamy açmak üçin ⏻ düwmesine basyň.

9 Süzgüjiň hyzmat ömrüni hasaplaýjyny nol etmek üçin 💡 we ⊙ düwmelerini 3 sekuntlap basyp saklaň.

10 Süzgüji çalşyranyňyzdan soň elleriňizi oňat edip ýuwuň.




**Bellik:** Süzgüji ysgamaň, sebäbi ol howadaky hapalaýjylary ýygnaýar.

## Süzgüji nol etmek

Süzgüji çalşyrmak barada duýduryş ( 🛢 ) ekranda görkezilmänkä süzgüji çalşyryp bilersiňiz. Süzgüji çalşyranyňyzdan soň süzgüjiň iş ömrüni hasaplaýjyny elde nol etmeli bolarsyňyz.

1 Enjamy öçürmek üçin ⏻ düwmesini 3 sekuntlap basyp saklaň we elektrik dürtgüjini elektrik rozetkasyndan aýryň.







2 Elektrik dürtgüjini rozetka dakyň.

3 Açylanyndan soň süzgüjiň hyzmat ömrüni hasaplaýjyny nol etmek üçin 15 sekundyň içinde 💡 we ⊙ düwmelerini 3 sekuntlap basyp saklaň.

# 6 Ammarda saklamak

1 Howany arassalaýjyny öçüriň we elektrik dürtgüjini elektrik rozetkasyndan aýryň.

2 Howany arassalaýjyny, bölejik datçigini we süzgüjiň ýüzüni arassalaň (“Arassalamak we abatlamak”).

3 Ammarda saklamazdan öň hli şaýlary howada guradyň.

4 Süzgüji howa geçirmeýän plastik gaplara oraň.

5 Howany arassalaýjyny, süzgüji salkyn we gury ýerde saklaň.

6 Süzgüji elläniňizden soň hemişe elleriňizi oňat edip ýuwuň.

# 7 Meseleleri anyklamak we çözmek

Bu bölümde enjamda öňüňize çykyp biljek umumy meseleler barada gysgaça maglumat berilýär. Meseläni aşakda berlen maglumatlar bilen çözüp bilmeseňiz, ýurduňyzdaky Müşderiler bilen işleşmek boýunça merkeze ýüz tutuň.

| Näsazlyk | Ähtimal çözgüdi |
|---|---|
| Enjam göwnejaý işlemeýär. | • Süzgüji çalşyrmak barada duýduryş dowamly berlendigine garamazdan degişli süzgüji çalşyrmansyňyz. Şonuň netijesinde indi enjam gulplanypdyr. Şeýle ýagdaýda süzgüji çalşyryň we süzgüjiň hyzmat ömrüni hasaplaýjyny nol etmek üçin 💡 we ⊙ basyp saklaň. |
| Howa çykalgasyndan gelýän howa akymy ozalkysyndan ep-esli pes. | • Süzgüjiň ýüzi hapa. Süzgüjiň ýüzüni arassalaň (“Arassalamak we abatlamak” bölümine serediň). |
| Enjamyň uzak wagtlap işläp durandygyna garamazdan howanyň hili gowulanmaýar. | • Gaplaýyş materiallarynyň süzgüçden aýrylandygyny barlaň.<br>• Enjama süzgüç dakylmandyr. Süzgüjiň (FY1700/30) göwnejaý dakylandygyna göz ýetiriň.<br>• Bölejik datçigi çygly. Otagyňyzdaky çygylylygyň derejesi ýokary we ol howanyň suwa öwrülmegine ýol açýar. Bölejik datçiginiň arassa we gurydygyna göz ýetiriň (“Arassalamak we abatlamak” bölümine serediň).<br>• Otag örän uly ýa-da daşardaky howanyň hili ýaramaz. Arassalamagyň iň oňat netijeliligi üçin howany arassalaýjyny işledeniňizde gapylary we äpişgeleri ýapmagyňyzy haýyş edýäris.<br>• Binanyň içinde hapalaýjylaryň çeşmeleri bar. Mysal üçin, çilim çekmek, nahar bişirmek, ys berijiler, atyr ýa-da spirt.<br>• Süzgüjiň hyzmat ömri tamamlanyp barýar. Süzgüjiň ýerine täzesini dakyň. |

| Näsazlyk | Ähtimal çözgüdi |
|---|---|
| Howanyň hilini görkezýän çyra elmydama şol bir reňkde ýanýar. | • Bölejik datçigi hapa. Bölejik datçigini arassalaň (“Arassalamak we abatlamak” bölümine serediň). |
| Enjamdan birgeňsi ys çykýar. | • Enjamy birinji gezek ulananyňyzda ondan plastmassanyň ysy çykýar. Bu adaty ýagdaýdyr. Emma, hatda süzgüçleri aýrylanynda hem enjamdan ýanyk ysy çykýan bolsa, Philips dileriňize ýa-da ygtyýarly Philips hyzmat ediş merkezine ýüz tutuň. Süzgüç birneme ulanylandan soň ys çykaryp biler, sebäbi ol binanyň içindäki gazlary özüne siňdirýär. Süzgüji gaýtadan ulanmak üçin ony gönüden-göni gün şöhlesiniň aşagynda guratmak arkaly süzgüji gaýtadan işjeňleşdirmek maslahat berilýär. Ys henizem aýrylmadyk bolsa, süzgüji çalşyryň. |
| Enjamdan güýçli galmagal çykýar. | • Enjam Turbo tertibinde işleýän bolsa, bu adat ýagdaýdyr.<br>• Awto tertibinde enjamdan aşa güýçli galmagal çykýan bolsa, howanyň hiliniň ýaramazlaşmagy sebäpli enjam ýokary tizlikde işleýän bolup biler ýa-da Programmadaky şahsylaşdyrylan sazlamaňyzyň ýelpewajyň ýokary tizlikde işlemegine itergi berýän bolmagy mümkin. Uky tertibini saýlap ýa-da Programmada sazlamalary üýtgedip bilersiňiz.<br>• Adaty däl ses bar bolsa, öz ýurduňyzdaky Müşderiler bilen işleşmek boýunça merkeze ýüz tutuň.<br>• Howa çykalgasyna islendik bir zat gaçsa, ol hem adaty däl gaty ses çykmagyna ýol açyp biler. Enjamy dessine öçüriň, nätanyş närseleri enjamdan çykarmak üçin enjamy başaşak tutuň. |
| Süzgüji çalyşdym, emma enjam henizem süzgüji çalyşmalydygymy görkezýär. | • Ähtimal, süzgüjiň hyzmat ömrüni hasaplaýjyny nol eden dälsiňiz. Enjamy açyň. Soňra we düwmelerini 3 sekuntlap basyp saklaň. |
| Ekranda "E1" näsazlyk kody görkezilýär. | • Hereketlendirijide näsazlyk bar. Ýurduňyzdaky Müşderiler bilen işleşmek boýunça merkeze ýüz tutuň. |

| Näsazlyk | Ähtimal çözgüdi |
|---|---|
| Wi-Fi gurnamasy şowsuz. | • Arassalaýjy enjamyňyzyň birigen routeri iki ýygylykda işleýän bolsa we ol häzirki wagtda 2.4Ghz ulgamyna birikmeýän bolsa, şol bir routerdäki başga bir zolaga (2.4Ghz) geçiriň we arassalaýjyňyzy jübütlemäge gaýtadan synanyşyň. 5Ghz ulgamlary goldanylmaýar.<br>• Internet tassyklaýyş ulgamlary goldanylmaýar.<br>• Arassalaýjy enjamyň Wi-Fi routeriniň signallarynyň tutýan çägindedigine göz ýetiriň. Howany arassalaýjyny Wi-Fi routeriniň has ýakynynda ýerleşdirmäge synanyşyp bilersiňiz.<br>• Ulgamyň adynyň dogrudygyny barlaň. Ulgamyň adynda baş we setir harplara duýgurdyr.<br>• Wi-Fi parolynyň dogrudygyny barlaň. Parolda baş we setir harplara duýgurdyr.<br>• "Wi-Fi birikmesini nol etmek" bölüminde berlen gözükdirijiler bilen gurnamaga täzeden gurnamaga synanyşyň.<br>• Wi-Fi birikmesi elektromagnit ýa-da beýleki galtaşmalar tarapyndan kesilip bilner. Enjamy galtaşmalara ýol açyp biljek beýleki elektron enjamlardan uzakda saklaň.<br>• Mobil enjamyň uçar tertibinde däldigini barlaň. Wi-Fi ulgamyna birigeniňizde uçar tertibiniň öçürilendigine göz ýetiriň.<br>• Meseleleri anyklamak we çözmek barada giňişleýin hem-de täze maslahatlar üçin Programmanyň kömek bölümine serediň. |

# 8 Kepillik we tehniki hyzmat

Size maglumat gerek bolsa ýa-da meseläňiz bar bolsa, www.philips.com salgysyndaky Philips websaýtyna giriň ýa-da ýurduňyzdaky Philips Müşderiler bilen işleşmek boýunça merkezine ýüz tutuň (onuň telefon belgisini bütindünýä kepillik kagyzyndan tapyp bilersiňiz). Eger-de ýurduňyzda Philips Müşderiler bilen işleşmek boýunça merkezi ýok bolsa, onda ýerli Philips dilerine baryp görüň.

## Ätiýaçlyk şaýlary ýa-da kömekçi enjamlary sargyt etmek

Bir şaýy çalşyrmaly bolsaňyz ýa-da goşmaça bir şaý almak isleseňiz. Ýerli Philips dileriňize baryň ýa-da www.philips.com/support giriň.

Şaýlary almakda mesele ýüze çyksa, ýurduňyzdaky Philips Müşderiler bilen işleşmek boýunça merkezine ýüz tutuň (onuň telefon belgisini ýer ýüzüne degişli kepillik kagyzyndan tapyp bilersiňiz).

© 2021 Philips Domestic Appliances Holding B.V.
Ähli hukuklary goralýar.

AC1715_user manual_v1.0  (10/12/2021)